| | |
|---|---|
| **TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI** | **MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN** |
| **BUÝRUK** | **ORDER** |

**«22» maý 2020 ý.** **№ 56-Ö**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 20-nji maýynda çykaran 73-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibine üýtgetmeler girizmek barada**

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine laýyklykda, Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 13-nji iýunynda 1237 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-nji ýylyň 20-nji maýynda çykaran 73-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň Tertibiniň otuz birinji böleginde:

1) 1-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«1) bellenilen pensiýanyň, oňa goşulýan goşmaça tölegleri (muňa döwlet sylaglary üçin goşmaça tölegler degişli däldir) hasaba almak bilen 20 göterimi

möçberinde, ýöne degişli pensiýanyň bellenilen iň pes möçberiniň 40 göteriminden az bolmadyk möçberde;»;

2) 3-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«3) döwlet kömek pulunyň tölenilmegi bellenýän puluň, oňa goşulýan goşmaça tölegleri (muňa döwlet sylaglary üçin goşmaça tölegler degişli däldir) hasaba almak bilen 20 göterimi möçberinde geçirilýär, ýöne döwlet kömek pullarynyň hasaplanylmagy üçin bellenilen binýatlyk ululygyň 20 göteriminden az bolmadyk möçberde.».

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy D.Amanmuhammedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

**“YLALAŞYLDY”**
Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri

________________E.Annamuhammedow
“____” _______________ 2020 ý.

**“YLALAŞYLDY”**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy

_________________M.Annadurdyýew
“_____”______________2020 ý.